Dünýäde iň köp sagat guşaklygy özünde jemleýän ýurt Fransiýa hasaplanýar. Bu ýurtda 12 sagat guşaklygy hereket edýär.

Ratmanow (Russiýa) bilen Kruzenştern (ABŞ) adalarynyň arasyndaky aralyk deňiz bilen bary-ýogy 4 km, emma Grinwiçde 21 sagat bilen bölünýär: mysal üçin Ratmanow adasynda, anna güni günortan 12, Kruzenştern adasynda penşenbe güni öýlän sagat 3.

Ýuwaş ummanyň 180-nji meridiany "wagt maşynyna" meňzeýär. "Sene çyzygyndan" gündogardan günbatara geçirseňiz, wagt bir gün öňe geçer. Çyzgyny ters tarapa kesseňiz, "düýne" düşersiňiz.

Kiçijik Rajakoski obasy Russiýanyň, Norwegiýanyň we Finlýandiýanyň serhetleriniň çatrygynda ýerleşýär. Şonuň üçin obada 3 wagt zolagy birbada kesişýär.
Köp adamlar ýaponlaryň täze günüň daňyny ilkinji garşylaýandyklaryna ynanýarlar. Emma bu dogry däl. Wladiwostokda gün hasaby Ýaponiýanyň paýtagtyndakydan bir sagat öň başlaýar.

Hytaý bilen Owganystanyň arasyndaky serhediň bir böleginden geçende sagat 3,5 sagat düzedilmeli. Dünýäde bir ädimiň köp wagt alýan başga ýeri ýok.
IK derýasynyň üstündäki köprüleri iň uzyn diýip atlandyrýarlar. Munuň sebäbi Tatarstanda Moskwanyň wagty, goňşy Başkiriýada bolsa iki sagat öň bolýar. Ik derýasy respublikalaryň arasyndaky serhet zolagyndan akýar.

**Jeyhun SUWHANOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024